# Morfeýe

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Morfeýe MORFEÝE

Morfeý, dañ atýança berme sen ejir
Yza baryn çekýän söýgime meniñ.
Gel sen, şem çyramy üfle-de öçür,
Ak pata ber, uçur duýgymy meniñ!
Gamly aýralygyñ örtäp-ýakyşyn,
Gel, ýadymdan çykar elhenç yzasyn!
Görüp duraýyn men näzli bakyşyñ,
Eşidip duraýyn şirin owazyñ.
Görnen bada säher şapagyñ çeti,
Gözümiñ öñünden şol dem gider sen.
Wah, meniñ ýüregim şol muhabbeti
Unudyp bilsedi geljek gijä çen!

A. S. Puşkin

Terjime eden: Çary Aşyr Goşgular